# «Bolanok – diýipdiň – bir ýylda iki…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Bolanok – diýipdiň – bir ýylda iki…»



* * *
*«Garagum» žurnalynyň kyssa bölüminiň redaktory G.Annasähedowa*

«Bolanok – diýipdiň – bir ýylda iki»
Goçy, meniň hekaýalam geçdimi?
Ýylaşa-ha nobat ýetýändir, belki,
Goçy, meniň hekaýalam geçdimi?

Olar bolmasa-da «roman» ýa «ýassyk»,
Siz «Garaş!» diýdiňiz, biz gulak asdyk.
Şondan gowy ýazýar haýsy klassyk,
Goçy, meniň hekaýalam geçdimi?

Iller gonoraryn ýörýärler sowşup,
Meňkiler ýatyrmy arhiwe gowşup?
Ýa saklap otyrmy gardaşym Gowşut,

Goçy, meniň hekaýalam geçdimi?

Iliň çykardany sygmaz partyga,
Indi çydajak däl mundan artyga.
Ýa ýüz tutmalymy Anna Paýtyga,
Goçy, meniň hekaýalam geçdimi?

Sapar Öre togsan biriň güýzünde
Diýdi: «Ýylda berers, zehin bar sende».
Olam aş gatyklap ýörmi agzynda,
Goçy, meniň hekaýalam geçdimi?

Italmaz AKMYRAT. Goşgular